# «ChatGPT»-ä meñzeş emeli añ enjamy adamlaryñ pikirini okaýar

Category: Kitapcy,Medisina,Ylym we tehnologiýa
написано kitapcy | 26 января, 2025
"ChatGPT"-ä meñzeş emeli añ enjamy adamlaryñ pikirini okaýar
«ChatGPT»-ä MEÑZEŞ EMELI AÑ ENJAMY ADAMLARYÑ PIKIRINI OKAÝAR




*Içiñdäki pikiriñi okamaga gönükdirilen ulgamlaryñ hökümetlerdir iş berijiler tarapyndan gözegçilik ediş guraly hökmünde ulanylma ähtimallygy-da bar. Ulgam pikirleri sözme-söz transkript etmegiñ ýerine, bularyñ özenini tutmak üçin işlenip düzüldi. (Independent Türkçe / Midjourney)*

Alymlar «ChatGPT»-ä meñzeş emeli añ enjamy arkaly adamyñ edýän pikirini tekste öwrüp bilýän ulgam oýlap tapdy.

Ulgam hekaýa diñleýän ýa-da nämedir bir zat gürrüñ berip oturandygyny añynda aýlap oturan şahslaryñ beýni işjeñligini tekste öwrüp bilýär.

ABŞ-nyñ Tehas uniwersitetiniñ ylmy-barlagçylarynyñ taýýarlan ulgamy öz huşunda, ýöne ysmaz ýaly sebäpler bilen gürlemekden galan adamlaryñ gatnaşyk saklap bilmegine kömek edýär.

Ulgamyñ iñ esasy aýratynlyklarynyñ biri-de, inwaziw bolmazlygy. Medisina operasiýasy ýa-da bejergi talap edýän, başga-ça aýdanda göwre bitewiligine täsirini ýetirýän amallar inwaziw diýip baha berilýär.

Ysmaza uçran adamlaryñ täzeden pikir alyşmagyny üpjüj etmäge

gönükdirilen tilsimler esasan operasiýa bilen şahslaryň beýnilerine çip ýerleşdirilmegini öňe sürýär. Beýleki bir ýandan «Nature Neuroscience» ylmy-populýar žurnalynda çap edilen täze ylmy-barlagda operasiýanyň gereginiň ýokdugy aýdylýar.
Ylmy-barlagçylar ylmy işe gatnaşan şahslardan çaklaňrak zatlary aňlarynda aýlamagy talap etdi. Şol wagt muňa gatnaşyjylaryň beýni işjeňligi funksional magnetik rezonans şekillenme (fMRI) abzaly tarapyndan okaldy.




Has soňra beýin tolkunlary «ChatGPT»-ä meňzeş emeli aň enjamy arkaly tekste geçirildi. Bärdäki emeli aňyň türgenleşdirilen wagtynda gatnaşyjylara birnäçe sagatlat podkastlar diňledildi we beýin işjeňligi synlandy.
Şeýlelikde «kod çözüji» ulgam ýüze çykdy we enjam ulanyjynyň beýni işjeňliginden garşylyklaýyn gelýän teksti çykarmaga başlady.
Ylmy-barlag topary bu tehnologiýa boýunça diýseň umytly. Emma

işleriñ heniz ýörjen-ýörjendigi bilenem ylalaşýarlar. Beýleki bir ýandan pikiriñi okamaga niýetlenen ulgamlaryñ hökümetlerdir iş berijiler tarapyndan gözegçilik ediş guraly hökmünde ulanylma ähtimallygy-da bar.
Ulgamyñ arkasyndaky topar hem muña ünsi çekýär. Bu boýunça ylmy makalasa «beýni-kompýuter interfeýsleriniñ añ-zehin pynhanlygyna hormat goýlup kämilleşdirmegiñ gerekdigi nygtalýar.
# The Independent, VICE News, Tehas uniwersiteti.

Taýýarlan: Çagla ÜREN.

Sişenbe, 02.05.2023 ý. Ylym we tehnologiýa